# Ýazgylar

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýazgylar ÝAZGYLAR



Kakamyň iň soňky ýazan hatyny
Henizem aýawlap saklap ýör enem,
Saralan kagyzlaň açyp gatyny,
Käýarym gaýtalap okaýan menem.
Hatyň iň soňunda şeýle sözler bar:
“Oglum, arzuw edýän men saňa ýüz ýaş”.
Her gezek elime alamda ony,
Damýar ol kagyza bir damja göz ýaş.

Şeýdip bir damja däl sansyz damjalar
Dama-dama, yz goýupdyr ol hatda.
Ýöne ýazgylary öçmändir heniz.
Ýyllaň ýelginine gelipdir hötde.

Ony ýazan eller gudratly eller,
Şolar dälmi gyşy kowup, ýaz eden.
…Şeýdip ol ýazgylar öçmezler, ýöne
Şeýdip olar ýazylmazam täzeden.

Halyl KULYÝEW. Goşgular